# Öñ aýdanlaryma goşmaça

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Öñ aýdanlaryma goşmaça Berdinazar HUDAÝNAZAROW

▶ÖŇ AÝDANLARYMA GOŞMAÇA

Hudaýa müň şükür, bu döwre ýetdim,
Gözümiň öňünde ýetişdiň gitdiň.
Akyl bermäge-de ýok welin hetdim,
Onda-da dyz epde diňle goç ogul.

Ýük göterip bilýän gerdeniň bolsun,
Diýeniň diňlensin, aýdanyň bolsun.
Buýsanjyň mydama baýdagyň bolsun,
Degmedige hergiz degme goç ogul.

Öň sargapdym, bu gezegem sargaýan:
Mert kişidir öz-özüni derňeýän.
Teselli ber gabat gelse eňreýän,
El serene bir zat emle goç ogul.

Halal ojagyň bar arassa aňryň,
Penasynda aman saklasyn taňrym.
Mukaddes zat görseň et oňa tagzym,
Öňetene başyň egme goç ogul.

Azaşmawer azgynlara ulaşyp,
Paýyňy gidirme bolsa üleşik,
Galmajak bol ýarpy ýolda bulaşyp
Bir başlan işiňi soňla goç ogul.

Bähbidiňi ara, öz nebsiňi bil,
Ýas ýerinde agla, toý ýerinde gül.
Herki zatda öz kelläňe sala sal,
Diňe şol oňlasa oňla goç ogul.

Sabyrly bol, berenine şükür et,

Ýöne welin öňe dyza, pikir et.
Towussaň el ýetir, kowalasaň ýet
Ornuň bolsun herne öňde goç ogul.

Mundan öň men saňa diýerdim «Köşek»
Bolsaň-da mylaýym, bolsaň-da ýumşak,
Bu zabun dünýäde bolmawer gowşak,
Ökünmeli bolma ömre goç ogul.
Kiçi ogul!

12.02.97 ý. Goşgular